***Taryhyň ýowuz wakalary, dünýäni sarsdyran gapma-garşylyklar halkara gatnaşyklarda parahatçylygyň iň esasy şertdigini, diňe parahatçylygy dörediji işleriň islendik ýurdy we bütin adamzady ýagty geljege alyp barýan köprüleriň ygtybarly sütünleri bolup biljekdigini subut etdi. Hut şu pikir 80 ýyl mundan ozal Milletler Bileleşiginiň esasçylaryny San-Fransiskoda birleşdirdi. Şunda diplomatiýanyň köptaraply forumy hökmünde Birleşen Milletler Guramasy döredildi hem-de onuň Tertipnamasy — häzirki zamanyň iň möhüm halkara hukuk resminamasy kabul edildi. Ol 1945-nji ýylyň 24-nji oktýabrynda güýje girdi we şol gün BMG-niň döredilen güni hökmünde jar edildi.***

Milletler Bileleşigi ählumumy parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmegiň esasy we çalşyp bolmajak mehanizmidir, ýüze çykýan meseleleri çözmekde iň ýokary halkara derejedir. Şoňa görä-de, Türkmenistan döwletimiziň alyp barýan daşary syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri Birleşen Milletler Guramasy bilen parahatçylygyň we howpsuzlygyň bähbidine hyzmatdaşlygy ilerletmekdir. Munuň özi döwlet Baştutanymyzyň başlangyjy bilen işlenip düzülen we kabul edilen «Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2022 — 2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynda» hem berkidilendir.

Mälim bolşy ýaly, Garaşsyz Türkmenistan 1992-nji ýylyň 2-nji martynda Birleşen Milletler Guramasynyň doly hukukly agzalygyna kabul edildi. Geçen 33 ýyldan gowrak wagtyň dowamynda biziň ýurdumyz Milletler Bileleşigi bilen strategik hyzmatdaşlygy ýola goýdy. Şunda ýurdumyzyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 58-nji, 62-nji, 64-nji, 68-nji, 71-nji, 75-nji, 77-nji we 79-njy sessiýalarynda 8 gezek wise-başlyklyk edendigini aýratyn bellemek gerek. Baş Assambleýanyň nobatdaky ýubileý sessiýasy bolsa Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň dünýä derejesinde ykrar edilmeginiň 30 ýyllygyna gabat gelýär.

BMG-niň döredilmeginiň 80 ýyllygy uly dabaralara beslenýär. Şunda 23-nji oktýabrda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda Birleşen Milletler Guramasynyň esaslandyrylmagynyň 80 ýyllygy mynasybetli maslahatyň geçirilmegi möhüm ähmiýete eýedir. Maslahatyň çäklerinde Türkmenistan bilen BMG-niň arasynda durnukly ösüş çygrynda 2026 — 2030-njy ýyllar üçin hyzmatdaşlygyň Çarçuwaly maksatnamasyna gol çekildi. Munuň özi milli diplomatiýamyzyň hem ajaýyp ýeňşidir.

**Magtymguly ANNAÝEW,**
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara žurnalistikasy fakultetiniň 1-nji ýyl talyby.**

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026